**2023-nji ýylyň 10-njy fewralynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde Öz-özüňi barlamagyň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMA

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Öz-özüňi barlamagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde (mundan beýläk - mekdep) öz-özüňi barlamagyň tertibini kesgitlemek maksady bilen işlenip düzüldi.

1.2. Bu Düzgünnama degişli işe gatnaşýan jogapkär işgär üçin niýetlenmek bilen, onuň berjaý edilmegi hökmanydyr.

1.3. Bu Düzgünnama aşakdaky resminamalar esasynda işlenip düzüldi:

- Bilim hakynda Türkmenistanyň Kanunyna (rejelenen görnüşi);
- Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama.

1.4. Öz-özüňi barlamak, maglumatlaryň açyklygyny we elýeterliligini üpjün etmegiň bir usuly bolmak bilen, ol mekdebiň hasabat ýylynda bilim işleriniň we ösüşiniň esasy netijeleri hem-de meseleleri barada maglumat berýär. Bu maglumatlaryň esasynda bilim edarasy mundan beýläk-de ösmegi üçin ugurlaryny we çemeleşmelerini kesgitleýär.

1.5. Öz-özüňi barlamak guramaçylyk işi bolmak bilen, ol öz içine aşakdaky tapgyrlary alýar:

- mekdepde öz-özüňi barlamak boýunça işleri meýilleşdirmek we taýýarlamak;
- öz-özüňi barlamagy guramak we geçirmek;
- alnan netijeleri umumylaşdyrmak we olaryň esasynda hasabat taýýarlamak;
- mugallymlar geňeşiniň gün tertibinde hasabaty ara alyp maslahatlaşmak.

1.6. Mekdepde öz-özüňi barlamak aşakdaky ugurlar boýunça geçirilýär:

- bilim edarasynyň umumy häsiýetnamasy;
- bilim edarasynyň gurluşy we onuň dolandyryş ulgamy;
- hil babatda maksady, alyp barýan işleriniň esasy ugurlary we syýasaty;
- orta derejeli hünärmenleri taýýarlamakda durmuşa geçirilýän maksatnamalar barada maglumat;
- hünärmenleri taýýarlamagyň mazmuny we hil üpjünçiligi;
- bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde şertleriň döredilişi;
- terbiýeçilik işleri we onuň netijeleri;
- okaýanlaryň we işgärleriň sosial üpjünçiligi;
- edarada alnyp barylýan işleriň maliýe üpjünçiligi.

1.7. Öz-özüňi barlamakda okuw işine, mekdebiň dolandyryş ulgamyna, okaýanlaryň taýýarlyk hiline we mazmunyna, okuw işiniň guralyşyna, uçurymlara bolan isleglere, işgär, okuw-usulyýet, kitap-maglumat üpjünçilik hiline, maddy-tehniki binýada, bilimiň hiline baha bermegiň içki ulgamynyň ýöredilişine baha berilýär.

1.8. Tassyklanan hasabat mekdebiň ýokary guramasyna berilýär.

## 2. Öz-özüňi barlamagy guramagyň tertibi

2.1. Öz-özüňi barlamak her ýyl degişli ýylyň 1-nji apreli ýagdaýyna geçirilýär.

2.2. Öz-özüňi barlamagyň möhleti we oňa gatnaşyjylar düzümi her ýyl direktoryň buýrugy esasynda kesgitlenýär. Şonuň bilen bir hatarda ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy hem tassyklanýar.

2.3. Buýruk çykarylandan soňra toparyň düzüminden bir agzany bölümler boýunça seljerme materiallaryň taýýarlygyna jogapkär edilip bellenýär we mekdebiň işini seljerýän we baha berýän öz-özüňi barlamak işine göniden-göni badalga berilýär.

2.4. Öz-özüňi barlamak boýunça topar agzalarynyň işi tassyklanan meýilnamasyna we şu Düzgünnama laýyklykda amala aşyrýarlar.

2.5. Bölümler boýunça seljerme materiallary taýýar bolandan soňra netijeler ulgamlaşdyrylýar we hasabat görnüşinde hödürlenýär.

2.6. Öz-özüňi barlamak boýunça hasabat mugallymlar geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylandan soňra degişli ýylyň 30-njy aprelinden gijä galman direktoryň möhüri bilen tassyklanýar we ýokary gurama berilýär.

## 3. Öz-özüňi barlamagyň möhleti we tertibi

3.1. Mekdepde öz-özüňi barlamak onuň okuw işiniň hilini monitoring etmek, seljermek we netijelerini jemlemek arkaly amala aşyrylýar.

3.2. Öz-özüňi barlamak her ýyl fewral-aprel aýlary aralygynda geçirilmek bilen, onda mekdep boýunça geçen ýylyň dowamynda ýerine ýetirilen işlere seljerme berilýär.

3.3. Öz-özüňi barlamak işi geçirilende seredilýän soraglar boýunça meseleleriň hakyky ýagdaýyna baha berilýär.

3.4. Öz-özüňi barlamak boýunça barlagyň netijesi 30-njy aprelden gijä galman ýokary guramanyň dykgatyna ýetirmeli.

3.5. Öz-özüňi barlamaga taýýarlyk öz içine şu aşakdakylary alýar:

- öz-özüňi barlamak hakynda çözgüdi kabul etmek;
- öz-özüňi barlamagyň mazmunyny we maglumatlary toplamagyň usulyýetini kesgitlemek;
- iş tertibiniň tehniki üpjünçiligi;
- öz-özüňi barlamak boýunça topary döretmek, öňde durýan wezipeleri kesgitlemek we jogapkärleriň arasynda işleri paýlamak;
- öwrediji häsiýetli ýygnaklary, maslahatlary we ş.m. guramak;

- doldurmak üçin ýörite sahypalary, sowalnamalary we tablisalary taýýarlamak.

3.6. Öz-özüňi barlamagyň tertibi öz içine şu aşakdakylary jemleýär:

- özünde statistiki maglumatlary jemleýän hasaba alyş resminamalaryny we hasabatlary toplamak we gaýtadan işlemek;
- test almagyň, sowalnama doldurmagyň we söhbetdeş bolmagyň usullaryny ulanmak arkaly maglumatlary toplamak;
- tablisalary doldurmak;
- hasabat düzmek üçin nusgalary taýýarlamak.

3.7. Öz-özüňi barlamagyň maglumatlaryny gaýtadan işlemek we peýdalanmak öz içine aşakdakylary alýar:

- maglumatlary statistiki gaýtadan işlemek;
- netijeleriň grafiki şekilini düzmek;
- hil we mukdar maglumatlary düşündirmek;
- hasabaty ara alyp maslahatlaşmak.

3.8. Öz-özüňi baha bermek boýunça hasabatyň gurluşy:

3.8.1. bilim edarasynyň guramaçylyk-hukuk üpjünçiligi;

3.8.2. bilim edarasynyň dolandyryş ulgamy;

3.8.3. hünärmenleri taýýarlamagyň gurluşy;

3.8.4. hünärmenleri taýýarlamagyň mazmuny:

3.8.5. hünärmenleri taýýarlamagyň hili:

3.8.6. terbiýeçilik işleri we onuň netijeleri;

3.8.7. hünär bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň şertleri;

3.8.8. öz-özüňi barlamak boýunça netijeler.

3.9. Mekdepde alnyp barylan işleriň netijeliligini bahalandyrmakda 1-nji goşundyda getirilen görkezijiler hökman göz öňünde tutulmalydyr.

## 4. Öz-özüňi barlamagyň işine gatnaşyjylar

4.1. Mekdepde öz-özüňi barlamak işine direktor we direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, buhgalteriýa bölüminiň wekilleri, usulyýetçiler we beýleki jogapkär işgärler çekilip bilner. Maglumatlary tehniki taýdan gaýtadan işlemekde okuw bölüminiň hünärmeni we beýleki işgärler işe çekilip bilner.

**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

**Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde**
**öz-özüňi barlamagyň taýýarlyk işleri we geçirmegiň**
**MEÝILNAMASY**

| T/b | Geçirilmeli çäreler | Jogapkärler | Wagty |
|---|---|---|---|
| **Öz-özüňi barlamak işini meýilleşdirmek we taýýarlamak** | | | |
| 1. | Öz-özüňi barlamagyň käbir ugurlarynda maglumatlary ýygnamak we jemlemek (derňemek), jogapkärleri bellemek, käbir ugurlarda anyklaýyş usullarynyň toplumyny döretmek boýunça direktoryň orunbasary bilen duşuşyk geçirmek | Direktor | 10-njy fewrala çenli |
| 2. | Öz-özüňi barlamagy geçirmek boýunça mekdebiň işgärleri bilen ýygnak geçirmek;<br>işgärler düzümini kadalaşdyryjy-hukuk binýady, maksatlary, möhletleri we tertibi barada habardar etmek | Direktoryň orunbasarlary | 12-nji fewrala çenli |
| 3. | Barlag toparynyň agzalary bilen öz-özüňi barlamagyň käbir ugurlarynda işleriň görnüşleriniň guralyşy boýunça maglumat toplamak we bermek üçin başlangyç ýygnak geçirmek | Direktoryň orunbasarlary | 15-nji fewrala çenli |
| **Öz-özüňi barlamagy guramak we geçirmek** | | | |
| 4. | Derňew geçirmek üçin (zerur bolsa talapnamalary taýýarlamak bilen) maglumatlary ýygnamak (hakyky ýagdaý boýunça) | Barlag toparynyň agzalary | 10-njy marta çenli |
| **Alnan netijeleri umumylaşdyrmak we onuň esasynda hasabat taýýarlamak** | | | |
| 5. | Öz-özüňi barlamagyň aýry-aýry ugurlary boýunça maglumatlary statistiki gaýtadan işlemek, derňew etmek we netijeleri umumylaşdyrmak | Barlag toparynyň agzalary | 10-njy martdan 20-nji mart aralygynda |
| 6. | Netijeler barada hasabatyň taslamasyny taýýarlamak | Direktoryň orunbasarlary | 25-nji marta çenli |
| 7. | Direktoryň gatnaşmagynda öz-özüňi barlamagyň deslapky netijelerini ara alyp maslahatlaşmak, öz-özüňi barlamak işleri geçirilen wagtynda ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreler toplumynyň taslamasyny işläp düzmek we bilim edarasynyň işini kämilleşdirmek | Direktoryň orunbasarlary | 30-njy marta çenli |
| **Hasabaty degişli soraglara seredýän birleşmeleriň garamagyna hödürlemek** | | | |
| 8. | Mekdebiň usulyýet geňeşi tarapyndan hasabata seretmek, öz-özüňi barlamak wagtynda ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreler toplumyny kabul etmek we işleri kämilleşdirmek | Direktor, direktoryň orunbasary | 10-njy aprele çenli |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Hasabat taýýarlamak we ýokary guramanyň garamagyna hödürlemek** | | | |
| 9. | Mekdebiň usulyýet geňeşiniň mejlisiniň netijelerini göz öňünde tutup, öz-özüňi barlamagyň hasabatyna düzedişleri girizmek, hasabatyň soňky ýagdaýyny taýýarlamak | Direktoryň orunbasarlary | 20-nji aprele çenli |
| 10. | Öz-özüňi barlamagyň hasabatyna direktor tarapyndan gol çekilmegi we ýüze çykarylan kemçilikleri ýok etmäge gönükdirilen çäreler toplumynyň direktoryň buýrugy bilen tassyklanmagy;<br>mekdebiň işgärleri barada dolandyryş kararlaryny (wezipesini ýokarlandyrmak, düzgün-nyzam temmisini bermek, hünär derejesini ýokarlandyrmak zerurlygy ýa-da wezipe-borjuna üýtgetmeleri girizmek barada we ş.m.) kabul etmek | Direktor | 25-nji aprele çenli |
| 11. | Öz-özüňi barlamagyň netijeleri barada hasabaty Türkmen oba hojalyk institutynyň garamagyna hödürlemek | Direktoryň orunbasary | 30-njy aprele çenli |
| 12. | Öz-özüňi barlamak we mekdebiň işini gowulandyrmak (şol sanda ýygnak görnüşinde-de) ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreler toplumyny durmuşa geçirmek üçin gözegçilik işlerini geçirmek (direktoryň gatnaşmagynda ýygnak geçirmek, söhbetdeşlik we ş.m.) | Direktoryň orunbasarlary | 1-nji iýuna çenli |

**1-nji goşundy**

## Hünär bilim edaralarynda öz-özüňi barlamakda hökmany seljerilmeli işleriň GÖRKEZIJILERI

| T/b | Görkezijiler | Ölçeg birligi | Aýdyňlaşdyrma |
|---|---|---|---|
| **1. OKUW IŞLERI** | | | |
| 1.1 | Hünär-tehniki ugry boýunça bilim maksatnamalaryny özleşdirýän talyplar barada maglumat | adam | 1.1=1.1.1+1.1.2+1.1.3 (degişli ýylyň 1-nji apreli ýagdaýyna) |
| 1.1.1 | Gündizki görnüşde okaýanlar | adam | |
| 1.1.2 | Gündizki-gaýybana okaýanlar | adam | |
| 1.1.3 | Gaýybana okaýanlar | adam | |
| 1.2 | Orta hünär ugry boýunça bilim maksatnamalaryny özleşdirýän talyplar barada maglumat | adam | 1.2=1.2.1+1.2.2+1.2.3 (degişli ýylyň 1-nji apreli ýagdaýyna) |
| 1.2.1 | Gündizki görnüşde okaýanlar | adam | |
| 1.2.2 | Gündizki-gaýybana okaýanlar | adam | |
| 1.2.3 | Gaýybana okaýanlar | adam | |
| 1.3 | Mekdepde durmuşa geçirilýän hünär bilim maksatnamalarynyň mukdary | sany | 1. Hasabat döwründe dürli derejeli durmuşa geçirilýän we durmuşa geçirilen hünär bilim maksatnamalarynyň jemi sany |
| | | sany | 2. Hasabat döwründe durmuşa geçirilen hünär-tehniki bilim maksatnamalarynyň jemi sany |
| | | sany | 3. Hasabat döwründe durmuşa geçirilýän we durmuşa geçirilen orta hünär bilim maksatnamalarynyň jemi sany |
| 1.4 | Hasabat döwründe okuwyň gündizki görnüşine 1-nji ýyl talyplyga kabul edilen jemi talyplaryň sany | adam | Statistiki hasabatlara laýyklykda |
| 1.5 | Saglyk ýagdaýy sebäpli mätäçlik çekýän talyplaryň jemi sany we olaryň talyplaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Ähli bilim maksatnamalary oýunça bilim alýan saglyk ýagdaýy sebäpli mätäçlik çekýän talyplaryň jemi sany - N |
| | | % | 2. Udel agramy % = (N*100) / (1.1+1.2) |
| 1.6 | Döwlet synaglaryny 4-lik we 5-lik bahalar bilen tabşyran jemi uçurymlaryň sany we olaryň döwlet synaglaryny tabşyran uçurymlaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Ähli bilim maksatnamalary boýunça mekdebi tamamlan uçurymlaryň jemi sany - N |
| | | adam | 2. Hasabat döwründe ähli bilim maksatnamalary boýunça döwlet synaglaryny 4-lik we 5-lik bahalar bilen tamamlan uçurymlaryň jemi sany - n |
| | | % | 3. Udel agramy % = (n*100) / N |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.7 | Ders bäsleşiklerinde ýeňiji bolan jemi talyplaryň sany we olaryň talyplaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Ders bäsleşiginde ýeňiji bolan jemi talyplaryň sany - n |
| | | % | 2. Udel agramy % = (n*100) / 1.2 |
| 1.8 | Sport bäsleşiklerinde ýeňiji bolan jemi talyplaryň sany we olaryň talyplaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Sport bäsleşiginde ýeňiji bolan jemi talyplaryň sany - n |
| | | % | 2. Udel agramy % = (n*100) / 1.1+1.2 |
| 1.9 | Mekdepde zähmet çekýän jemi mugallymlaryň sany we olaryň işgärleriň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Mekdepde zähmet çekýän işgärleriň umumy sany - N |
| | | adam | 2. Mekdepde zähmet çekýän mugallymlaryň umumy sany - ped |
| | | % | 3. ped % = ped*100 / N |
| 1.10 | Mekdepde zähmet çekýän ýokary bilimli jemi mugallymlaryň sany we olaryň mugallymlaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Ýokary bilimli mugallymlaryň umumy sany - n |
| | | % | 2. Ýokary bilimli mugallymlaryň udel agramy % = n*100 / ped |
| 1.11 | Soňky 3 ýylda hünär kämilleşdiriş okuwlaryny geçen mugallymlaryň jemi sany we olaryň mugallymlaryň umumy sanyna görä udel agramy | adam | 1. Soňky 3 ýylda hünär kämilleşdiriş okuwlaryny geçen jemi mugallymlaryň sany - H |
| | | % | 2. Soňky 3 ýylda hünär kämilleşdiriş okuwlaryny geçen mugallymlaryň udel agramy % = H*100 / ped |
| **2. MALIÝE-YKDYSADY IŞLER** | | | |
| 2.1 | Bilim edarasynyň ähli ugurlar boýunça girdejisi | müň.man | |
| 2.2 | Bilim edarasynyň ähli ugurlar boýunça girdejisiniň bir mugallyma düşýän paýy | müň.man | |
| 2.3 | Degişli ýylyň 1-nji apreli ýagdaýyna mugallymyň ortaça zähmet haky | manat | |
| 2.4 | Mugallymyň ortaça zähmet hakynyň ýurdumyz boýunça kesgitlenen ortaça zähmet hakyna gatnaşygy | % | Mugallymyň ortaça zähmet hakynyň ýurdumyz boýunça kesgitlenen ortaça zähmet hakyna gatnaşygy % |
| **3. BILIM EDARASYNYŇ GURLUŞY** | | | |
| 3.1 | Okuw işi amala aşyrylýan otaglaryň umumy meýdanyndan bir talybyň paýyna düşýän meýdany | m.kw. | 1. Okuw işi amala aşyrylýan ähli otaglaryň meýdanyny (S) görkezmeli (okuw otaglar, sport zallar we ş.m.) |
| | | m.kw. | 2. Bir talybyň paýyna düşýän umumy meýdan $S^1$ = S / (1.1+1.2) |
| 3.2 | Ulanyş möhleti 8 ýyldan geçmedik kompýuterlerden bir talybyň paýyna düşýän mukdary | sany | 1. Bilim edarasynda ulanyş möhleti 8 ýyldan geçmedik, bar bolan kompýuterleriň jemi sany - K |
| | | sany | 2. Bilim edarasynda ulanyş möhleti 8 ýyldan geçmedik, emma talyplar tarapyndan peýdalanylýan kompýuterleriň jemi sany – $K^t$ |
| | | sany | 3. Bir talyba düşýän kompýuteriň umumy mukdary = K / (1.1+1.2) |
| 3.3 | Umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan talyplaryň sanynyň umumy ýaşaýyş jaýyna mätäç talyplaryň sanyna görä udel agramy | adam | 1. Beýleki etraplardan gelen talyplaryň sany – $T^b$ |
| | | adam | 2. Umumy ýaşaýyş jaýyna mätäç talyplaryň sany – $T^m$ |
| | | adam | 3. Umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan talyplaryň sany – $T^u$ |
| | | % | 4. Udel agramy % = $T^u$ * 100 / $T^m$ |

**Hünär bilim edaralarynda öz-özüňi barlamakda goşmaça seljerilmeli işleriň GÖRKEZIJILERI**

1. Edaranyň maddy-tehniki we maglumat üpjünçiligi

| T/b | Bahalandyrylýan görkeziji | Ölçeg birligi | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1. | Hasabat gününiň ýagdaýy boýunça okuw toparlarynyň mukdary | sany | |
| 2. | Multimediýa proýektorlarynyň mukdary | sany | |
| 3. | Interaktiw tagtalaryň sany | sany | |
| 4. | Interaktiw pristawkalaryň sany | sany | |
| 5. | Tejribe sapaklary we okuw tejribelikleri geçmäge niýetlenen tejribe otaglaryň sany | sany | |
| 6. | Kitaphananyň bolmagy we onuň görnüşi (aşakdakylaryň birini saýlamaly) | X | |
| | Okalgada 25 we ondan köp adama niýetlenen iş ýeriň we interneda çykýan kompýuterleriň barlygy | bar/ýok | |
| | Okalgada 25 we ondan köp adama niýetlenen iş ýeriň bolmazlygy, emma interneda çykmaýan kompýuterleriň barlygy | bar/ýok | |
| | Okalgada 25 we ondan köp adama niýetlenen iş ýeriň we kompýuterleriň barlygy, emma interneda çykmazlygy | bar/ýok | |
| 7. | Döwlet bilim standartynda kesgitlenen umumy hünär dersleri boýunça ýöriteleşen otaglaryň ortaça enjamlar bilen üpjünçilik derejesi | X | |
| | 90 we ondan ýokary göterimde | bar/ýok | |
| | 90 göterimden pes, emma 50 göterimden ýokary | bar/ýok | |
| | 50 we ondan pes göterim | bar/ýok | |
| 8. | Elektron interaktiw tejribehanalaryň barlygy | bar/ýok | |
| 9. | Okuw sapaklarynyň laborator we görkezme esbaplar bilen ortaça üpjünçilik derejesi | X | |
| | 90 we ondan ýokary göterimde | bar/ýok | |
| | 90 göterimden pes, emma 50 göterimden ýokary | bar/ýok | |
| | 50 we ondan pes göterim | bar/ýok | |
| 10. | Elektron bilim gorlarynyň barlygy | bar/ýok | |
| 11. | Maglumat ulgamlaryna we maglumat-telekommunikasiýa torlaryna girmäge mümkinçiligiň barlygy | bar/ýok | |

2. Okaýanlaryň saglygy goramak we berkitmek, naharlanmagyny guramak üçin zerur şertleriň döredilişi

| T/b | Bahalandyrylýan görkeziji | Ölçeg birligi | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1. | Sport zalyň barlygy | bar/ýok | |
| 2. | Sport meýdançasynda enjamlaryň barlygy | bar/ýok | |
| 3. | Trenažor zalyň barlygy | bar/ýok | |
| 4. | Basseýniň barlygy | bar/ýok | |
| 5. | Lukmançylyk otagynyň barlygy | bar/ýok | |
| 6. | Saglygy goramak we berkitmek boýunça ýöriteleşen otaglaryň (relaksasiýa, psihologiki dikeldiş we ş.m.) barlygy | bar/ýok | |
| 7. | Edaranyň çäginde naharhananyň barlygy | bar/ýok | |

3. Okaýanlar bilen indiwidual tertipde işlemek üçin şertleriň döredilişi

| T/b | Bahalandyrylýan görkeziji | Ölçeg birligi | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1. | Medeniýete, sporta, olimpiada we ş.m. gatnaşýan okyjylaryň sany | adam | |
| 2. | Uzak aralykdan ýekebara okuwlar gurnalýarmy | howa/ýok | |
| 3. | Hasabat döwründe geçirilen psihologiki we sosiologiki barlaglaryň sany | sany | |
| 4. | Psihologiki ýardam gullugynyň barlygy | bar/ýok | |

4. Goşmaça hünär bilimi maksatnamalarynyň barlygy

| T/b | Bahalandyrylýan görkeziji | Ölçeg birligi | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1. | Hünärmenleri gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalarynyň barlygy | bar/ýok | |
| 2. | Hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň maksatnamalarynyň barlygy | bar/ýok | |

5. Okaýanlaryň döredijilik başlangyçlaryny we gyzyklanmalaryny ösdürmek üçin döredilen mümkinçilikler

| T/b | Bahalandyrylýan görkeziji | Ölçeg birligi | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1. | Hasabat döwründe bilim edarasynyň gatnaşmagynda geçirilen bäsleşikleriň, olimpiadalaryň mukdary | sany | |
| 2. | Hasabat döwründe bäsleşiklere, olimpiadalara (sportdan başgasyna) gatnaşan okyjylaryň sany | adam | |
| 3. | Hasabat döwründe bäsleşiklerde, olimpiadalarda (sportdan başgasynda) ýeňiji bolan okyjylaryň sany | X | |
| | şäher/etrap derejesinde | adam | |
| | welaýat derejesinde | adam | |
| | döwlet derejesinde | adam | |
| 4. | Hasabat döwründe sport bäsleşiklerine gatnaşan okyjylaryň sany | adam | |
| 5. | Hasabat döwründe sport bäsleşiklerinde ýeňiji bolan okyjylaryň sany | X | |
| | şäher/etrap derejesinde | adam | |
| | welaýat derejesinde | adam | |
| | döwlet derejesinde | adam | |
| 6. | Hasabat döwründe GTO-nyň (zähmete we goraga taýyn) kadalaryny tabşyrtmak boýunça geçirilen çäreleriň barlygy | bar/ýok | |